Oguzhan adyndaky Inžener-tehnologiýa uniwersitetiniň wekilleri 28-nji noýabrda Belarus Döwlet Informatika we Radioelektronika Uniwersitetinde geçirilen “Elektronika boýunça kompýuter taslamalary” atly halkara ylmy-amaly konferensiýa gatnaşdylar. Bu barada “Türkmenistan: Altyn asyr” neşiri habar berdi.

Türkmen wekilleri çykyşlaryny DDoS hüjümleri wagtynda tor traffiginiň dinamikasyny modelirlemek ýaly möhüm temalara bagyşladylar.

Mundan başga-da, gatnaşyjylar mikro we nanoelektronika pudaklarynyň häzirki ýagdaýy we ösüş mümkinçilikleri, radioelektronika ulgamlarynyň we enjamlarynyň taslamalary we işlenip düzülmegi, mikroelektronika taslamalary, dürli pudaklar üçin täze perspektiw materiallaryň we tehnologiýalaryň gözlegleri ýaly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Konferensiýa dürli ýurtlaryň hünärmenleriniň teoretiki we amaly tejribesini birleşdirmek we häzirki meseleleri netijeli ara alyp maslahatlaşmak, hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini gözden geçirmek üçin meýdança boldy.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.12.2024